Eziz Diýarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen ynsan saglygyny goramakda uly işler durmuşa geçirildi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Adam jemgyýetiň we döwletiň iň esasy gymmatlygydyr» diýen çuň manyly pähimi türkmen jemgyýetiniň esasyny kesgitledi. Asyrlaryň dowamynda pederlerimiz hem il saglygyny baş baýlyga deňäpdirler. Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň *“Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun”* diýen setirleri hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Häzirki wagtda «Il saglygy — ýurt baýlygy», «Saglygym — baş baýlygym» ýaly pähimli sözler ýörelgämize öwrüldi.
Gahryman Arkadagymyz sagdyn jemgyýetiň gülläp ösýän döwletiň daýanjy bolup durýandygyny belleýär. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň köpugurly düzüminiň üstüni ýetirýän döwrebap lukmançylyk binalarynyň yzygiderli açylyp ulanmaga berilmegi ilatyň saglygyny pugtalandyrmaga uly üns berilýändigini aýdyň subut edýär.
Ata-babalarymyzyň asylly däplerinden ugur alnyp, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi. Gaznanyň serişdeleriniň hasabyna howandarlyga mätäç çagalaryň köpüsiniň saglygy dikeldildi. Gahryman Arkadagymyz islendik işde ýaşululara sala salýar.
Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda Ýaşulular geňeşi döredildi we onuň düzgünnamasy tassyklanyldy. Bu bolsa ýurdumyzda döwletli tutumlarda ýaşulularyň pähim-pendine uly ornuň degişlidiginiň aýdyň subutnamasydyr. Ýurdumyzda sport ýaryşlarynyň, bedenterbiýe-köpçülikleýin çäreleriniň geçirilmegi saglyk baradaky aladalardan nyşandyr.

**Babageldi ILLIÝEW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 27.11.2024